# Hukuk sorag-jogaplary – 8. Mellek ýeri hakda kanunçylyk

Category: Hukuk maslahathanasy,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Hukuk sorag-jogaplary – 8. Mellek ýeri hakda kanunçylyk MELLEK ÝERI HAKDA KANUNÇYLYK

SORAG:
Mellek ýeri hakda kanunçylyk

JOGAP:
2004-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda kabul edilen, «Ýer hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň (Kodeksiň ýerleşýän salgysy: *https://minjust.gov.tm/mcenter-single/37*) 25-nji maddasy. Şahsy kömekçi hojalygyny alyp barmak-mellek ýeri üçin Türkmenistanyň raýatlaryna hususy eýeçilige ýer böleklerini bermek

1. Daýhan birleşikleriniň agzalarynyň, beýleki oba hojalyk we tokaý hojalyk kärhanalarynyň işgärleriniň maşgalalaryna, şeýle hem mugallymlaryň, lukmanlaryň we işi oba ilatyna hyzmat etmek bilen baglanyşykly beýleki hünärmenleriň maşgalalaryna, şol hojalyklarda işläp, soň gös-göni pensiýa çykan pensionerleriň maşgalalaryna we oba ýerinde ýaşaýan maýyplara, ýaşaýyş jaýynyň we hojalyk desgalarynyň tutýan meýdanyny goşmak bilen 0,16 gektara çenli möçberde satmak, çalyşmak, peşgeş bermek, girewe goýmak hukugyny bermezden, ýer we suw serişdelerini hasaba almak bilen şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin mellek ýeri mirasa goýmak hukugy bilen hususy eýeçilige berilýär.

2. Gür ilatly, ýer we suw serişdeleriniň çäkli etraplarynda (şäherlerinde) ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy bilen ylalaşylyp, degişli welaýatyň ýer meseleleri baradaky toparlarynyň çözgüdi esasynda şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin kesgitlenilen möçberden az, ýöne her maşgala

0.12 gektardan az bolmadyk şerti bilen ýer bölekleri berlip bilner.

3. Şu maddanyň 1-nji böleginde görkezilen, mirasa bermek hukugy bilen hususy eýeçilige mellek ýeri almaga mätäç maşgalalar, öz ýaşaýan ýerindäki geňeşe arza berýärler.

4. Mellek ýeri, Türkmenistanyň hukuk namalarynda bellenilen tertipde, şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak, ýaşaýyş jaýyny we hojalyk desgalaryny gurmak üçin peýdalanylýar.

«Ýer hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 26-njy maddasy. Özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin Türkmenistanyň raýatlaryna hususy eýeçilige ýer böleklerini bermek

Şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň maşgalalaryna, mirasa goýmak hukugy bilen hususy eýeçilige özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak we oňa hyzmat etmek üçin 0,10 gektara çenli möçberde, ýer serişdelerini hasaba almak bilen, satmak, çalyşmak, peşgeş bermek, girewe goýmak hukugyny bermezden, ýer bölekleri ýörite ýer gaznasyndan berilýär.

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň (salgysy: *https://minjust.gov.tm/mcenter-single/2*) 79-njy maddasyna laýyklykda kanunda bellenilen kadalaryň bozulmagy bilen baglaşylan hem-de jemgyýetçilik bähbitlerine, ahlak normalaryna garşy gelýän geleşik hakyky däldir.

Hereket edýän kanunçylyk şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin mellek ýerini satmagy, çalyşmagy, peşgeş bermegi we girewine goýmagy gadagan edýär. Şeýlelikde şu düzgüni bozup baglaşylan geleşik (şertnama) hakyky däldir.

Geleşik hakyky däl diýlip yglan edilenden soňra ol üçünji taraplaryň kanuny bähbitlerine zyýan ýetirmeýän bolsa, onda geleşik baglaşylmazyndan öňki ýagdaý dikeldilýär. Hukugyň dilinde bu ýagdaýa – ikitaraplaýyn restitusiýa diýilýär.

Gysgaça aýdylanda, mellek ýeriniň eýesi kime degişli döwlet

edarasy tarapyndan çözgüt çykarylyp, şol ýer berlen bolsa şol fiziki şahs (adam) hasaplanýar. Hukuk maslahathanasy